# Eýle kim hurşydy taby zerräni peýda kylar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Eýle kim hurşydy taby zerräni peýda kylar…



Eýle kim hurşydy taby zerräni peýda kylar,
Gunça agzyň surryny hem gül ýüzüň güwýä kylar.
Zip eder gök sebzesi birle kuýaş ruhsaryny,
Kätibi gudrat ki hattyň nusgasyn inşa kylar.

Bar eken aşyga  mähnet, oklaryn ýagdyrgaly,
Ol ki müjgäniň kylyp näwük, gaşyňy ýa kylar.

Istedi janu-köňül nagtyny, wah sut eýlerem,
Ger lebiden posaýy ol nagt bile söwda kylar.

Hijr zulmun gör ki, sabr eýleý diýsem eýlär heläk,

Eýlesem bisabyrlyk älem era ryswa kylar.

Meniň ahwalym görüp, ybrat alyň, eý ähli yşk,
Kim ki bir betmähr yşkyda özün şeýda kylar.

Eý Hüseýni, çün ol otly çehreden alsam nazar,
Gözlerime derdi hijran käçiden ot çakylar. Goşgular